# Süleýmanyň açary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Süleýmanyň açary

SÜLEÝMANYŇ AÇARY (Clavicula Salomonis)

Danalygy bilen halk arasynda şöhrat gazanan Süleýman pygamber özi ýaly pygamber we patyşa bolan Dawut aleýhissalamyň ogludyr. Adatdan daşary we göze görünmeýän güýçlere hökmüni ýöredip bilýän Süleýman pygamber ýewreýler tarapyndan ýöne bir patyşa hasaplansa-da, Gurhanda onuň ady pygamberleriň hatarynda ýatlanýar. Gurhanyň birnäçe süresinde we aýatynda Süleýman pygamberiň guşlaryň diline düşünýändigi, ýele ygtyýar edip bilýändigi, jynlary we şeýtanlary özüne hyzmat etdirendigi, Allanyň oňa we kakasy Dawuda çäksiz ylym berendigi aýdylýar. XV ýa-da XVI asyrda ýazylandygy çak edilýän, awtory we çeşmesi näbelli, emma Süleýman patyşa ýazdy hasap edilýän "Süleýmanyň açary" ("Clavicula Salomonis") atly kitap taryhyň iň meşhur tilsimli kitaplaryndan biridir. Häzir bu kitap Londonyň Britan muzeýinde saklanylýar. Kitap Hezreti Süleýman göze görünmeýän ruhy güýçleri bir ýere toplamagy we gözegçilik astyna almagy, ruhlr dünýäsine degişli gizlin soraglara jogap tapmagy, durmuşda, söýgüde we baýlyk toplamakda üstünlik gazanmagyň syrlaryny, öz wagtynda we öz ýerinde etmeli işleriň jikme-jikliklerini öwredýär.
Kitap gizlin ylymlar boýunça ýörite hünärmen we "Altyn Şapak" germetik jemgyýetiniň düýbüni tutujy S.Liddell MakGregor Mathers (1854-1918) tarapyndan muzeýde saklanylýan golýazmalaryň ýedisine esaslanyp iňlis diline terjime edilipdir.
Kitabyň girişinde Süleýman patyşanyň okkultistik amallarda tejribeli bolandygy baradaky ynamly delilleriň ýewreý taryhçysy Iosif Flawiniň işlerinde bardygy aýdylýar. Özem bu magiki usullaryň Süleýman patyşa degişli edilmegine şübhelener ýaly esas ýokdugyny nygtaýar.

Kitap şu aşakdaky sözler bilen başlanýar:

"Häzir iňňän gadymy zamanda hökümdar Solomonyň (Süleýman) asmandan inen bir perişdeden ylym öwrenendigini bilmeýän ýok… Ol ömrüniň ahyrky ýyllarynda ogly Roboama bilýän ähli ylmyny beýan edip bir wesýetnama ýazdy. Onuň yzysüre şol ylmy öwrenmäge çalyşan hahamlar (ýewreý ruhanylary) wesýetnamanyň agaç gabyklaryna ýazylyp köpeldilmegine sebäp boldular we muňa “Testament the Clavicle” ýa-da “Süleýmanyň açary” adyny berdiler. Tilsim hökmünde ulanylan bäş burçly ýyldyzlar (pentacles) ibrany elipbiýinde ýazyldy. Şeýlelikde, ýazgylar hökümdaryň gurduran ybadathanasynda ýörite goraga alnyp saklandy".

“Süleýmanyň açarynyň” (“Key of Solomon- Clavicula Salomonis”) birinji bölümi "Uly açar”, bäş kitapdan ybarat "Legemeton" atly ikinji bölümi we ikinji bölümiň "Süleýmanyň kiçi açary" atly aýratyn baby goetiýa (magiki tilsimler) syrlaryny öwrenmekde gymmatly çeşmedir. Kitabyň iň syrly bölümi-de şudur. "Armadelde" agzalan ýetmiş iki perişdäniň deregine bu ýerde ýetmiş iki şer güýç bar.
“Süleýmanyň açary" şu setirler bilen başlaýar:

"Dawudyň ogly, Ysraýylyň patyşasy Süleýman şeýle diýdi: "Açarymyzyň başy Hudaýdan gorkmak, oňa ynanmak, kalbyňy puşmanlyk duýgusy bilen püre-pürläp oňa ýalbarmak, niýetimize düwen her bir işimiz üçin ondan medet hantama bolmak we durkuň bilen Oňa gulluk etmekdir. Diňe şeýdenimizde Hudaý bize dogry ýoly görkezer. Şonuň üçin tilsim sungatyny we ylmyny özleşdirmek isleýänler sagatlaryň we günleriň öz wagtyna, aýyň ýagdaýyna garaşmalydyr”.

Kitabyň girişinde şu maksat bilen üç sany aýry-aýry sanaw berilýär. Birinji sanawda günüň haýsy sagadynda haýsy asman jisiminiň täsirli bolýandygy ýigrimi dört sagada laýyklanyp berilipdir. Ikinji sanaw sagatlaryň tilsimli atlaryny we olary dolandyrýan perişdeleriniň atlaryny sanaýar. Üçünji sanawda bolsa asman jisimleriniň hersine aýratyn degişli edilen

perişdeler, metallar, günler we reñkler beýan edilýär.
Iki uly bölümden ybarat "Süleýmanyñ açary" kitabyndan dogry we ýerlikli peýdalanmak üçin her tilsimi niýetlenen maksadyna görä öz sagadynda, öz gününde we ýerinde ýerine ýetirmegiñ hökmanydygy aýdylýar. Bu kitaby ulanjak bolýan adam dürli dogalary okamaga, ululy-kiçili her dürli günälerden daşda durmaga, arassa we salyhatly geýinmäge mejburdyr. Bildirilen şertler ýerine ýetirilenden soñ nähili jady-tilsimleri etse boljakdygy ýazylýar. Yzyndanam ogurlanan emläkleri tapmak, göze görünmeýän adama öwrülmek, aşyk bolan adamyñ düýşüne girmek, arzuwlaýan adamyñy özüñe aşyk etmek, hormat-sylag görmek, iki adamda biri-birine bolan ýigrenç döretmek, her dürli soraglara jogap tapmak ýaly jady-tilsimler birin-birin beýan edilýär.

■ Grimuar jady

"Süleýmanyñ açaryndaky" iñ ünsi çekiji tilsimleriñ biri-de "Pentakldyr". Türkmen diline geçirilende doly manysyny berýän söz tapylmadyk bu tilsim ulanylanda eýlenen deriden, kagyzdan ýa metaldan bäş burçly ýyldyz ýasalýar. Ýüzüne-de gizlin energiýalary aýan edýän simwollar çyzylýar. Kitabyñ birinji bölüminiñ soñlarynda "topraga, howa, suwa we oda degişli ýaramaz ruhlary gorkuzmak, olaryñ boýun sunmasyny üpjün etmek" üçin ulanylan "pentakl" tilsiminiñ üstünde durulýar. Ýaramaz ruhlaryñ bu tilsimleri görende özüni ýitirjekdigine, gorkjakdygyna we ony ulananyñ garşysyna hiç zat edip bilmejekdigine anyk güwä geçilýär.
Bu "pentakllaryñ" asman jisimleriniñ haýsysyna degişlidigi, reñkleri we yzygiderliligi şeýle berilipdir:

1). Saturn saýýarasyna degişli ýedi pentakl: Gara.
2). Ýupiter saýýarasyna degişli ýedi pentakl: Gök.
3). Mars saýýarasyna degişli ýedi pentakl: Gyzyl.
4). Güne degişli ýedi pentakl: Sary.
5). Wenera saýýarasyna degişli: bäş pentakl: Ýaşyl.
6). Merkuriý saýýarasyna degişli bäş pentakl: Dürli reñkli.

7). Aýa degişli alty pentakl: Kümüşsöw reñkli.
Şeýle-de dürli maksatlar üçin ulanylýan pentakllardan nusgalar.

Iñ esasy pentakl ähli ruhlary bir ýere jemlemek üçin ulanylýar we "hemmesi siziñ buýrugyñyza boýun egerler" diýilýär. Saturna degişli ýedinji pentall ýer titretmek üçin ulanylýar, çünki muña degişli perişdeleriñ dünýäni tutuşlygyna çepbe çöwrüp biljek güýçleri bar.
Hezreti Süleýmanyñ ýazandygyna ynanylsa-da awtory anyk kesgitlenmedik “Süleýmanyñ açary” (“Key of Solomon- Clavicula Salomonis”) kitaby jadygöýlik sungaty boýunça ýazylan birnäçe kitaba çeşme bolup hyzmat etdi.
Olardan iñ meşhury şol kitaba goşulan “Lesser Key of Solomon- Lemegeton Clavicula Salomonis” yagny, “Süleýmanyñ kiçi açarydyr”.
Hezreti Süleýmanyñ ýazandygyna ynanylýan bu kitap XVII asyrda ýazylandyr diýip çak edilýär. Ýewreý we yslam mistikleriñ täsiri duýulýan bu kitapda, ony okan kişiniñ islän ýumşuny buýurmagy üçin degişli ruhlaryñ atlaryny tutup çagyrylyşynyñ usullary gürrüñ berilýär. Bulary etmek üçin gerek bolan zatlary ulanmagyñ düzgüni we ýerine ýetirilmegi hökmany rituallar hem birin-birin ýazylypdyr. Kitap "Ars Goetia", "Ars Theurgia Goetia", "Ars Paulina", "Ars Almadel" we "Ars Notoria" atly bäş bölümden ybarat.
Ibrany dilinde "Syrlaryñ sakçysy" bolan Baş perişde Razieliñ kitaby jadygöýlik we tilsim kitabydyr. Raziel jennetde Hudaýyñ tagtynyñ golaýynda bolýandygy üçin ol ýerde bolýan zatlary gowy bilýär. Adam ata we How enä ýörite "Ylym kitabyny" berenden soñ, olar şeýtanyñ alyna gidip gadagan edilen Ylym agajynyñ miwesinden iýip günäkär ýagdaýa düşýär. Raziýeliñ garamagyndaky perişdeler olaryñ jennetde gezip ýörkäler eden günä işine örän gynanýarlar we Razieliñ olara beren kitabyny ellerinden alyp okeanyñ çuñluklaryna zyñýarlar. Hudaý munuñ üçin Raziele gaharlanmasa-da, kitabyñ deñziñ düýbünden çykarylyp Rahaw atly perişdä berilmegini üpjün edipdir. Rowaýata görä bu kitap nesilden nesile geçip ahyrynda Hanogyñ

eline düşüpdir. Baş perişde Raziel soñra kitaby Hanogyñ agtygy Nuh pygambere beripdir. Nuh pygamber kitapdaky syrly ylymlar arkaly Ýeri suw basmazdan öñ gämisini ýasapdyr. Razieliñ kitaby soñra Süleýman pygamberiñ eline düşüpdir.

■ Clavicula-Salomonis

"Süleýmanyñ açary" bilen baglanyşykly şübheleriñ biri bolsa orta asyr Ýewropasynda grimuar tilsimi (Гримуа́р, или гримория (фр. grimoire, отфр. grammaire) — книга, описывающаямагические процедуры и заклинания для вызова духов (демонов) или содержащая какие-либо колдовские рецепты) diýip bilinýän gara jady tilsimleri kitaplaryñ köp ýazylyp satylanlygydyr. Olaryñ köpüsi şan-şöhrat, dereje, wezipe, pul, söýgi, şöhwet, duşmana zyýan ýetirmek ýaly meselelerde şowlulyk wada berýän gara jady kitaplardy.
Bir tarapdan jadygöýleriñ agzyny bekläp dürli dini dessurlary ýerine ýetirmegi, Isa Mesihe, Merýem enä, keramatlylara, Hudaýa edilen dogalar, zikirler okamagyñ gerekligi aýdylyp, başga bir tarapdanam şeýtanyñ, ifritleriñ we jynlaryñ goşuny çagyrylyp jadygöýiñ nebis isleglerini ýerine ýetirmek üçin çagyryşlar ýer alýar.
Ýoñ bolan Grimuarlar satyp pul gazanmak üçin ýazylýardy we ol ýazylýan kitaplaram öz gezeginde her dürli ýoýulmalara sezewar bolýardy. Grimuarlaryñ awtorlary papalara, pygamberlere deñelýärdi. Emma Grimuarlar hernäçe "Süleýmanyñ açaryna" salgylansalar-da, "Süleýmanyñ açary" kitabynyñ olaryñ ýanynda ýer bilen gök ýaly tapawudy bar.
"Süleýmanyn açary" kitabynyñ çeşmesi hernäçe näbelli-de bolsa, ylahy kitaplary ýada salýan kämil, çeper we baý dilde ýazylypdyr hem-de ol ýewreýleriñ edebi mirasyna degişlidir. Hristianlaryñ bu kitaba hiç hili degişli ýeri ýok.

■ Jady kitaby

Süleýman pygamberiñ ýene bir üns bermäge mynasyp eden işi — Sion dagynda bina eden ybadathanasydyr. Dawut pygamberiñ döwründe ol ýerde diñe çadyr dikilendi we bu çadyrda ylahy

emläkler saklanýan sandyk bardy. Allatagala Süleýman pygambere birnäçe keramat görkezmek ukybyny bagş edýär. Gurhan Hezreti Süleýmanyň hiç haçanam kapyrlaryň ýolundan ýöremändigini ("Bakara" süresi, 2/102) we oňa wahyý inendigini nygtaýar. Ýeller Süleýman aleýhyssalamyň emrinde bolupdyr, demir magdanlary onuň üçin derýa misilli akypdyr, jynlaryň bir bölegi onuň hyzmatynda bolupdyr ("Sebe" süresi, 34/12). Süleýman pygamber dogry ýoldan ýöremekde we adalatlylykda hatda kakasyndanam ozdurypdyr ("Enbiya" süresi 21/78,79).
Oňa ylym berilipdir ("Neml" süresi, 27/15). Itiň-guşuň diline düşünipdir ("Neml" süresi, 27/16). Jynlardan, adamlardan we guşlardam goşun toplap bilipdir ("Neml" süresi, 27/17).

■ Süleýmanyň möhründäki ýazgynyň syry

Käbir kabalistleriň pikiriçe Dawut we Süleýman patyşa kabalist magiki tilsimler arkaly mugjyza görkezipdirler. Pentagram (bäşburçly ýyldyz) Süleýmanyň möhüri we Heksagram (altyburçly ýyldyz) Dawudyň galkany hasaplanýardy. "Möhri-Süleýman" Süleýman pygamberiň ýüzügine berilen atdyr. Bu şol bir wagtda pygamberiň möhrüdir. Rowaýatlara görä bu ýüzügiň üstünde "Ismi Agzam" dogasy ýazylandygy üçin ähli ynsa-jynsa hökmi ýöräpdir.
Bir gün ýüzügini döwe ogurladyp ähli güýjüni we hökümdarlygyny elden giderýär. Ençeme ýyl geçensoň patyşalygy täzeden ele alýar. Döwüň bu hyýanatçylygy beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň "Aýrylmadymy?" diýen goşgusynda şeýle beýan edilýär:

Dawut öldi, perzendine ýer galdy,
Hudaýymdan aňa bir ýüzük geldi,
Nurdan bolan ol ýüzükni döw aldy,
Süleýman tagtyndan aýrylmadymy?

Adam ata ýere gelip düşende oňa Jebraýyl perişde tarapyndan bir ýüzük berilipdir. Hezreti Adam ata aradan çykanda ýüzügi Jebraýyl yzyna alyp gidýär.
Bir gün Jebraýyl perişde Dawut pygamberiň ýanyna gelip, oňa elindäki ýüzük bilen bile 10 sany sorag berýär. Bu on soragy çagalaryňa ber we içinden kim bu soraglaryň hemmesine dogry

jogap berse, ýüzügi şoňa ber" diýýär. Şondan soň Dawut pygamber boş meýdana halkyny jemleýär we olaryň öňünde Jebraýyl perişdäniň beren soraglaryny gaýtalaýar. Nobaty uly oglundan başlap, ogullarynyň hemmesine ýüzlenýär. Emma pygamberiň çagalarynyň hiç birem soraglara dogry jogap tapyp bilmeýär. Iň soňunda körpe ogly Süleýmany turuzyp soraga tutýar. Süleýman soraglaryň ählisine ýekän-ýekän dogry jogap beripdir we her jogap berende gülümsiräpdir. Dawut pygamber ogluny mübärekländen soň gaharlanan ýaly edip "Nähili çynlakaý meselelerde sorag berdim. Sen bolsa piňiňe-de alman, her jogap bereniňde gülen bolduň" diýýär. Süleýman bolsa: "Kakajan bagyşla, maksadym sizi gynandyrmak ýa-da äsgermezlik etmek däldi, ýöne siz her sorag bereniňizde öňümde duran garynja maňa jogaplaryny aýdýardy. Men şoňa gülýärdim" diýipdir. Şondan soň Dawut pygamber ýerinden turup ýüzügi ogluna gowşurýar. Aýdylmagyna görä ol ýüzükde az sanly adamlaryň we perişdeleriň bilýän Hudaýyň gizlin afy ("Ismi Agzam" dogasy) barmyşyn.
Hudaýyň bilinmeýän ady döretme we höküm etme artykmaçlyklaryny öz içine alypdyr. Elbetde bular ýaly rowaýat adatdan daşary güýje eýe bolmak isleýän käbir adamlaryň başyny-gözüni aýlap biler. Käbir maglumata görä ýüzügi Adam ata dakynypdyr we jennetden kowlanda ony Arşda galdyryp gelipdir. Jebraýyl perişde soňra bu ýüzügi Allanyň eradasy bilen Hezreti Süleýmana getirip berýär. Asly azerbaýjan türkiýeli edebiýaty öwreniji alym we terjimeçi Abdylbaky Gölpynarly Jelaleddin Rumynyň "Diwanynyň" düşündirişler bölüminde şeýle ýazgy galdyrypdyr:

"Ýel onuň tagtyny ertirine bir aýlyk, agşamyna bir aýlyk ýere alyp giderdi. Mis känleri oňa tarap sil bolup akardy. Jynlar oňa galalar, serhowuzlar gurup bererdi, her dürli gap-gaçlar, gazanlar ýasap bererdi, onuň emrinden çykanlar azaba uçrardy. Süleýman pygambere öňki aýaklaryny büküp toýnagy bilen ýer peşeýän jyns atlar berilendigi, onuň ikindin wagtyna çenli atlary synlaýandygy, soňra atlaryň boýunlaryny, ýalyny sypaýandygy Gurhanda aýdylýar. Hezreti Süleýmanyň Hudaýdan

özüne özünden soñ hiç kime nesip etmejek hökümdarlyk diländigi-de aýdylýar. Süleýmanyñ bir ýüzüginiñ bolandygy we ol ýüzükde "Ismi Agzamyñ", ýagny Allatagalanyñ atlaryndan iñ ulusynyñ ýazylandygy, jynlara we haýwanlara bu adyñ güýji bilen höküm edendigi hem şol rowaýatlarda bar.

■ Bellik:

Süleýman pygamber barada giñişleýin maglumat üçin seret: http://kitapcy.ml/news/suleyman_pygamber/2018-12-27-4190

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

Geň-taňsy wakalar